# Güýz we gyz / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Güýz we gyz / hekaýa GÜÝZ WE GYZ

Güýzüň güni, Gün ortara galanda onuň şöhlesi bilen çakyşyp ýaldyrap duran sary ýapraklary basgylap, ädermikäm, ätmezmikäm diýip, ýeriň gaýmagyny bozman, başy aşak egilen bir gyz gelýärdi. Ol gyzyň ýüzi çytyk, gaşlary çytylan, nämedendir bir zatdan ýa-da kimdir-birinden öýkeli ýaly, çuňňur oýlanmalara batyp, daş-töweregine seretmän, hiç zada üns bermän, diňeje özi bilen özi bolup gelýärdi.
Ol gyzy görüp özüm hem nämedendir bir zatdan  alada galdym. Onuň bu bolşy çuňňur pikirlenmä mejbur etdi. Şular ýaly ajaýyp günde, onda-da, güýzüň güni, şu baglyklaryň astynda, yssy ýa-da sowugam däl, ortatap, arassa howada, ylaýta-da güýzüň şol saralan ýapraklary daş-töwrege ajaýyp öwüşgin berip durka bu gyz näme üçin gamgynka, näme üçin onuň beýle keýpi ýokka? Bu sowal daşymy gurşap aldy. Ahyr durup bilmän, gyza näme bolanyny biljek bolup,
– Siziň näme beýle keýpiňiz ýok, bir zatdan nägile görünýäňizle,onuň sebäbi nämede? –diýip soradym.
Gyz bolsa ilki maňa bakdy, soňra ýerden iküç ýapragy alyp, şolara biraz ünsüni bölmän seredip durdy, soňra çalaja sesi bilen
– Güýzüň bu ýapraklary saraldyp solduryşy ýaly, durmuş hem meniň arzuw-islegimi kül etdi. –diýdi.
Ol soňra elindäki ýapraklary ilk-ä gatydan gysyp, soňra bir çete zyňyp, ýene-de başyny aşak egip, agaçlaryň aşagy bilen ýapraklary basyşdyryp assa ýöräp gitdi. Men ol gyza başga söz diýmedim, dogrusy, onuň durmuşyna goşulmak islemedim. Asylam, onuň durmuşyna goşular ýaly men onuň hiç kimi ahyry. Güýzde duýgulary kül bolany üçin gyz güýzden nägiledi. Emma, ol başyna agyr günler düşeni üçinmi ýa-da şol wagt  ýüregine hiç zat sygmaýany üçünmi diýseň gysga pikirlenýärdi. Sebäbi, güýz agaçlardaky ýapraklary dökmek bilen ol agajyň ömrüni saklap

galýar. Ol agaç sabyrlylyk bilen garaşyp, gyşyň dürli kynçylyklarryny ýeňip geçip, bahara ýetse, oňa öňküsindenem has köp, has owadan ýapraklar garaşýar-a…

Ahmet ARAZOW. Hekaýalar